# Dünýä belli türk ýazyjysy Ýaşar Kemalyñ aktrisa Gülriz Sururä lak atyşynyñ kyssasy

Category: Kitapcy,Ýatlamalar
написано kitapcy | 25 января, 2025
Dünýä belli türk ýazyjysy Ýaşar Kemalyñ aktrisa Gülriz Sururä lak atyşynyñ kyssasy DÜNÝÄ BELLI TÜRK ÝAZYJYSY ÝAŞAR KEMALYÑ AKTRISA GÜLRIZ SURURÄ LAK ATYŞYNYÑ KYSSASY




Ýaşar Kemalyñ ýaş aktrisa Gülriz Sururä lak atyşynyñ hekaýatyny eşdipmidiñiz? Ýazyjy hakdaky bu täsin ýatlamany Soner Ýalçyn 2008-nji ýylda çapdan çykan «Siz kimi aldaýarsyñyz?» (“Siz Kimi Kandırıyorsunuz”) kitabynda okyjylarynyñ dykgatyna ýetirýär.
Ýöne şol günüñ dowamynda ýazyjy Ýaşar Kemal aktisanyñ hernäçe söbügini sypdyrman kowalap gidenem bolsa «awy ganly» bolmandyr. 
Gülriz Sururi ençeme ýyl geçenden soñ bu barada «Maña özüniñ «Inçe Mämmediñ» awtorydygyny aýdan bolsa, ýok diýmezdim. Gaýta, näme diýse etjeg-ä» diýip, keýpihon gürrüñ beripdir.
Soner Ýalçyn kitabynda Ýaşar Kemal hakda başga-da öñ eşidilmedik kän-kän ýatlamalary paýlaşdy. Ol ýazyjynyñ türk teatrynyñ meşhur aktrisasy Gülriz Sururä we suratkeş Mualla Eýubogluna bolan söýgüsini-de okyjylarynyñ dykgatyna ýetirýär.




- **ÝAZYJY LAK ATÝAR**

Ýaşlyk ýyllarynda Ýaşar Kemal Gülriz Sururini miniawtobusda gysypdyr, hatda düşenlerinden soñ yzyndan «Hüşşt, kiçijik hanym, tanşyp bilerismi?» diýip gygyrypdyr. Soner Ýalçynyñ kitabynda Ýaşar Kemalyñ Mualla Eýubogly bilen bolan we boldurmak islän gatnaşyklary-da gürrüñ berilýär.



• **POLISIÝANY ÇAGYRARYN**

Soner Ýalçynyň Gülriz Sururiniň «Bir pursat geler» («Bir An Gelir») atly kitabyna salgylanyp berýän maglumatynda aýdylşyna görä, bir gün Gülriz Sururi «Taksim» meýdanyndan miniawtobusa münüpdir. Ýolda barýarka bir ýigit oňa gaýta-gaýta seredipdir, hatda dyknyşyp oturan adamlaryň arasynda ony ýuwaşlyk bilen gysypdyram. Sururi belli bir wagtdan soň muňa çydaman awtobusdan düşüpdir, ýöne tutanýerli ýigit onuň yzyndan galmandyr. Birnäçe ädim ýöränden soň iri süňkli ýaş ýigit ýaş gyzynyň yzyndan gygyrypdyr: «Hüşşt, hüşşt, kiçijik hanym, tanşyp bilerismi?»
Bugdaýreňk ýigit «Polisiýany çagyraryn» diýen sözünden soň ýaş gyzyň yzyndan galypdyr. Gülriz Sururi şol «özdiýenli anadoly ýigidiniň» adyny tiz wagtdan bilip galýar: Ýaşar Kemal!..




• **GYZGYN SÖÝGI HATLARY**

Soner Ýalçyn kitabynda Ýaşar Kemalyň beýleki ýaşlyk söýgüsi Mualla Eýubogly hakda-da aýdyp geçýär. Soner Ýalçyn doganlar Sabahatdin we Bedri Rahmi Eýuboglylaryň uýasy Mualla

Eýýuboglynyñ «Hett güneşi» («Hitit Güneşi») kitabyna salgylanyp berýän maglumatynda Ýaşar Kemal nirä barsyn-nirden gelsin, Mualla Eýuboglyna gyzgyn söýgi hatlaryny zol ugradyp durar eken.
Eýýubogly Ýaşar Kemalyñ özüne bolan söýgüsini şeýle gürrüñ berýär: «Ýaşar Kemaly men Hasanoglandan Ankara agam Sabahatdini görmäge gelende tanadym. Meniñ onuñ bilen agam tanyşdyrdy. Şol wagt ol özüne Gögçeli diýerdi. Heniz Ýaşar Kemal bolup ýetişmändi. Päk ýürekli, arassa oglandy. Maña şol ýyllar aşyk boldy». (300-nji sahypa). Şeýle-de bolsa, Mualla Eýubogly ýazyjynyñ söýgüsine jogap bermändir, belli bir wagtdan soñam Robert Anheggere durmuşa çykypdyr. Ýaşar Kemal bolsa Tilda hanym, onuñ 2001-nji ýylda aradan çykmagyndan soñ Aýşe Semiha Baban bilen nikalaşypdyr.

Ýawuz RENÇBERLER. Ýatlamalar